**T.D. Goçyýew**

# ÝAŞ NESIL – KÄMIL AHLAK

Orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2013**

UOK 378+17
G 50

**Goçyýew T.D.**
G 50 **Ýaş nesil – kämil ahlak.** Orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma. – A.: “Ylym” neşirýaty, 2013. – 48 sah.

Okuw-usuly gollanma ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, ilkinji nobatda, hukuk hünäri boýunça bilim alýan talyplara niýetlenilýär. Şeýle hem gollanma mekdep mugallymlary üçin okuw-terbiýeçilik işinde peýdaly bolup biler. Okuw-usuly gollanmada Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ýaş nesliniň kämil ahlak keşbini kemala getirmegiň durmuş, tejribe, hukuk meseleleri häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň käbir möhüm ugurlary bilen baglylykda seljerilýär hem-de döwrebap ahlak mentaliteti wagyz edilýär.

Synçylar:
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň
psihologiýa kafedrasynyň müdiri,
psihologiýa ylymlarynyň doktory, professor *B. Basarow*;
Hukuk ylymlarynyň doktory, dosent *I. Bekiýew*.

TDKP №135 KBK 66.3 (2 Tü) ýa 73

© T.D. Goçyýew, 2013
© “Ylym” neşirýaty, 2013



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz ýaş nesliň kämil ahlak keşbini kemala getirmek babatda jemgyýetde alnyp barylýan işlere döwlet syýasatynda möhüm orun berýär. Ýaşlara halkara ölçeglerine laýyklykda bilim bermek, sagdyn bedenli, gujur-gaýratly, ruhubelent, käriniň hakyky ussady bolan hünärmenleri taýýarlamak döwrüň talaby bolup durýar. Diňe şeýle ýaşlar kämil ahlaga eýe bolup, türkmen jemgyýetiniň mundan-da beýläk gülläp ösmegine goşant goşup bilerler. Kämil ahlakly ýaşlary terbiýelemek üçin Watanymyzda ähli zerur şertler döredilen. Döwrüň talaplaryna doly laýyklykda gurlan hem-de iň kämil innowasion tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan aň-bilim hem-de medeni ojaklary ýaşlarymyza ýokary derejede hyzmat edýär.

Milli Liderimiziň sagdyn jemgyýet gurmak barada yglan eden syýasaty ýaşlarymyzyň arasynda gyzgyn goldaw tapdy. Onda ilatyň saglyk ýagdaýyny üpjün etmekde sportuň ösdürilmegine we ýaşlaryň sagdyn ruhda terbiýe almaklaryna möhüm ähmiýet berilýär. Bilşimiz ýaly, soňky döwürde ýurdumyzyň welaýat we etrap merkezlerinde birnäçe döwrebap sport toplumlary guruldy we bu işler gitdigiçe-de ýaýbaňlanýar. Ýaşlary sporta köpçülikleýin çekmegiň özi olaryň ýaramaz we bikanun işlere ýüz urmaklarynyň öňüni alýar. Seýlelikde, sport çäreleri şol bir wagtda sagdyn bedenli we ýokary ahlakly ýaşlaryň kemala gelmeginde hem görnetin oňyn ýardam edýär.

Gynansak-da, okuwda, işde, maşgalada, umuman, jemgyýetde özlerini talabalaýyk alyp baryp bilmeýän ýaşlarymyz entäk bar. Has beteride ahlak kada bozulmalarynyň soňlugynda hukuk bozulmalaryna ýazýan halatlary hem bolýar. Durmuş ýolunyň saldamly bölegini geçen, ýokary hukuk mekdebinde otuz ýyla golaý mugallymçylyk eden hem-de ýeterlik durmuş tejribesini toplan adam hökmünde, şu gysgajyk pelsepede hukukçy talyplara, seýle hem beýleki ýaşlarymyza käbir aýratyn wajyp durmuş meseleleri bilen bagly maslahatlary bermegi maksat edindik.

# I BAP. ÝAŞLARYŇ ARASYNDA AHLAK GYMMATLYKLARY BARADA

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaş nesliň döwrebap ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy sypatlar şulardyr: Watanyňy ýürekden söýmek, arassa-halal okamak we zähmet çekmek, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek, eneň-atań we ýakynlaryň barada gündelik alada etmek, söýgüňe, dost-ýaryňa wepaly bolmak, kiçini sylamak we ula hormat goýmak, kyn gündäkilere kömege gelmek, her bir işde ruhubelent, tutanýerli we başarjań bolmak, kanuny we ahlak borçlaryňy gyşarnyksyz berjaý etmek, elmydama adalat ugrunda göreşmek.

Gynansak-da, şu günlerde-de ýaşlaryň arasynda ýaramaz endikgylyklara seýrek-de bolsa duş gelinýär. Olardan aýratyn häsiýetlilerine siziň ünsüňizi çekesimiz gelýär hem-de bu hereketlere ahlak, tejribe we hukuk nukdaýnazaryndan baha bermekçi bolýarys.

## 1.1. Gylyksyz häsiýetler

*Ýeňil ulagda barýan ýaşlar apelsiniň, bananyň, beýleki gök, miwe önümleriniň gabygyny ýa bolmasa çilimiň gutusyny ulagyň penjiresinden ýol ugruna zyňyp goýberýärler.*

*Şähere seýil edýän ýaşlar dynç almak üçin oturan ýerlerinde ýa-da gezelenç wagtynda hapasyny ýygnaman çigit çigitleýärler.*

*Gadagan ýerlerde çilim çekýärler ýa-da nas ulanýarlar.*

*Ýaşlar, esasan hem, mekdep okuwçylary ýaşaýyş jaýlarynyň girelgelerinde, haýatlarda, seýilgähleriň oturgyçlarynda, awtobus duralgalarynda we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde gelşiksiz, gödek ýazgylary galdyrýarlar, abat zatlary hatardan çykarýarlar.*

*Ýaşlar, şol sanda mekdep okuwçylary kä halatlarda utanç-aýyp, türkmeniň edep-ekramyna we göreldesine mynasyp bolmadyk hereketlere ýol berýärler. Oglan gyzyň elinden ýa-da saçyndan tutýar, kilçik sözleri aýdýar. Gyz hem bu oňlanylmaýan hereketlere gaty bir nägilelik bildirmeýär.*

*Ýaş gyzlar käbir halatlarda türkmeniň taryhynyň hiç bir döwrüne-de mahsus bolmadyk ýagdaýda, ýagny biri-biriniň ýaňagyndan öpüp, oglanlar bolsa gyzlar bilen elleşip salamlaşýarlar.*

**Getirilen mysallara ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Gynansak-da, şuňa meňzeş gylyksyz häsiýetler ýaşlaryň arasynda başga-da göze ilýär, ýöne mesele bu hereketleriň durmuşda nähili görnüşde ýüze çykýanlygynda ýa-da azlygynda-köplüginde däl-de, olaryň ahlaksyzlygynda, ýagny türkmen halkynyň ençeme ýyllaryň dowamynda sünnäläp kemala getiren ahlak mentalitetine ters gelýänligindedir. Eger-de durmuşda şu zeýilli mysallar bar bolsa, onda munuň özi jemgyýetde ýaş nesli terbiýelemekde belli bir derejede kemçiliklere ýol berilýänliginiň subutnamasydyr.

Görşümiz ýaly, seljerilýän mysallarda ýaşlaryň medeniýetiniň we edebiniň pes taraplary häsiýetlendirilýär. Olaryň türkmen jemgyýetiniň ahlak kadalaryna ters gelýändigini esaslandyrmakda hiç hili zerurlyk ýok bolsa gerek. Şeýle ýaşlaryň sany az. Şu zeýilli ýaşlaryň ahlaksyz hereketleriniň jemgyýet tarapyndan oňlanylmaýandygyny olara yzygiderli ýatladyp duran ýagdaýymyzda, olaryň sanyny has-da azaldyp, doly soňuna-da çykyp bolardy.

Biz, köplenç halatda, bu ýaramaz endikleri görsegem görmedik bolýarys. Şeýlelikde, biz öz parhsyzlygymyz bilen bu ýaşlara edeniňizi ediberiň, siz tarhansyňyz diýýäris, olara has elhenjräk täze hokgalary çykarmaga ak pata berýäris. Bu biziň işimizmi?! Ol hereketleriň öňüni almaly ýörite edaralar, jogapkär adamlar bolmaly, ýöne hiç bir halatda bu meselelere biz goşulmaly däl diýen akyla uýýarys.

Hakykatda bolsa ýaşlara edep bermek, olary dogry ýola ugrukdyrmak uly nesliň, ilkinji nobatda, ýaşulularyň ahlak hem-de raýatlyk borjudyr. Ahlak borjuna we ahlak jogapkärçiligine häzirki döwürde jemgyýetde kän bir pitiwa edilmeýär. “Borç” we “jogapkärçilik” diýen düşünjeler,

esasan, kanunçylyk bilen baglanyşdyrylýar. Şu çemeleşme ýaş nesle terbiýe bermekde biziň düýpli kemçiligimiz bolup durýar. “Borç we jogapkärçilik” kämil ahlagy emele getirmegi üpjün edýän serişdelerdir, şoňa görä-de, terbiýeçilik işinde aýratyn üns merkezinde saklanylmaga degişlidir. Öňe sürülýän ahlak düşünjeleri şahsyýetiň jemgyýetdäki abraýmertebesiniň ölçegidir, has anygy onuň derejesine täsir edýän görkezijilerdir. Mynasyp abraýly ýaşlary terbiýelemek döwrüň talabydyr. Ynsan durmuşynda abraýdan agramly, öwgüden ýeňil zat ýokdur. Şu hakykaty ýaşlara düşündirmek ýaşuly nesliň ahlak borjudyr.

Türkmen döwletinde göz öňünde tutulan uzakmöhletleýin dürli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýaşlara bagly. Egerde biz olaryň talabalaýyk ahlak terbiýesi barada şu günden alada etmesek, onda meýilleşdirilen özgertmeleriň netijeliliginiň pes boljakdygy jedelsiz kabul edilmeli hakykatdyr.

**Getirilen mysallara tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Şu mysallardan görnüşi ýaly, ýaşlaryň ahlaksyz hem bikanun hereketleri netijesinde oba-şäherlerimiziň köçelerinde, binalarynda, seýilgählerinde we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde hapaçylygyň döremeginiň, emläge maddy zyýan ýetirilmeginiň, gödek görnüşde ýüze çykýan edepsizligiň şaýady bolýarys. Bu ýaşlar maşgalanyňam, jemgyýetiňem abraýyna şek ýetirýärler, terbiýeçilik işleriniň göwnejaý guralmagyna hem ýaramaz täsir edýärler. Olardan önjek nesilleriň hem dogry terbiýe aljakdyklary gümana bolup durýar. Türkmen ýaşlarynyň döwrebap ahlak mentalitetini kemala getirmekde seljerilýän hereketlerdäki kemçilikleriň ýetirýän zyýany bimöçberdir.

**Getirilen mysallara hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Häzirki döwürde ýokarda agzalyp geçilen hereketleriň hemmesi babatda hukuk jogapkärçiligi kanunçylykda göz öňünde tutulmadyk. Mysal üçin, jemgyýetçilik ýerlerinde (köçelerde, seýilgählerde we ş.m.) hapaçylyga ýol berlendigi üçin kanunda jogapkärçilik, gynansak-da, bellenilmedik. Mysal hökmünde getirilen galan ähli ýagdaýlarda hukuk bozulmalarynyň ýüze çykyşyna baglylykda raýatlary hukuk jogapkärçiligine çekip bolýar.

Gadagan ýerlerde çilim çekilmegi sebäpli kanunda berk jogapkärçilik kesgitlenen. Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň (TAK) 42-1-nji maddasyna laýyklykda raýatlara ministrliklerde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalarda, guramalarda, harby bölümlerde we birikmelerde, ähli okuw mekdeplerinde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda, teatrlarda we kinoteatrlarda, jemgyýetçilik ulaglarynyň ähli görnüşlerinde, seýilgählerde, raýatlaryň köpçülikleýin barýan ýerlerinde çilim çekenleri üçin iň pes zähmet hakynyň möçberinde administratiw tertibinde jerime salynmaga degişlidir.

Nas ulanylanlygy üçin, özi-de nähili görnüşde we nirede ulanylanlygyna garamazdan, TAK-yň 42-2-nji maddasyna laýyklykda kanuny bozan adama zähmet hakynyň birinden üçüsine çenli möçberde jerime salynmaga degişli.

Emläge ýetirlen zyýan (zelel) üçin kanunçylykda hukuk jogapkärçiliginiň birnäçe görnüşleri berkidilen. TAK-da bu mesele iki maddada düzgünleşdirilýär. Kodeksiň 51-nji maddasyna laýyklykda kärhananyň, edaranyň ýa-da guramanyň emläginiň bilgeşleýin az-owlak zaýalananlygy sebäpli raýatlara iň pes zähmet hakynyň 0,2 möçberinden bir möçberine çenli jerime salynýar. Şol Kodeksiň 150-nji maddasynyň talaplary bozulyp, ýaşaýyş öýleriniň we jaýlarynyň, olaryň enjamlarynyň hem-de abadanlaşdyryş desgalarynyň zaýalananlygy üçin raýatlara duýduryş berilýär ýa-da iň pes zähmet hakynyň 0,5 möçberine çenli jerime salynýar. Eger-de bu hukuk bozulma wezipeli adamlar bilen bagly bolsa, onda olara duýduryş berilýär ýa-da iň pes zähmet hakynyň bir möçberine çenli jerime salynýar.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (TRK) 1027-nji maddasyna laýyklykda kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren adam şol zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

Şu ýerde çagalarynyň bikanun hereketleri bilen bagly olaryň ata-eneleriniň hukuk jogapkärçiliginiň üstünde hem durup geçmek gerek. Çagalarynyň administratiw hukuk bozulmalaryna ýol berendigi üçin, olaryň ene-atalarynyň garşysyna TAK-yň 176-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda käbir administratiw çäreler ulanylyp bilner.

“Kiçi ýaşly çagalar öz hereketleri bilen başga şahslara zyýan ýetiren ýagdaýynda olar oňa jogap bermelimi?” diýen soraga TRK-niň

1029-njy maddasynda şeýle jogap berilýär: On ýaşyna ýetmedik çaga başga şahslara ýetiren zyýany üçin özi jogapkärçilik çekmeýär. On ýaşyny dolduran çaga, eger zyýan ýetiren wagtynda öz hereketiniň (eden işiniň) ähmiýetine akyl ýetirip bilmedik bolsa, ol hem özüniň başga şahsa ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär adamlar kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň bikanun hereketleri bilen bagly başga şahsa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyrlar. Gözegçilik etmäge jogapkär adamlar zyýanyň öňüni alyp bilmedik halatlarynda jogapkärçilik aradan aýrylýar. Şeýlelikde, çaganyň hereketleri bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga çaganyň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär adamlar borçly bolup durýarlar.

Ýokarda getirilen mysallarda görkezilen edepsiz hereketler üçin (öpüşip ýa-da elleşip salamlaşmak, gyzyň elinden ýa-da saçyndan tutmak, kilçik sözleri aýtmak) diňe ahlak jogapkärçiligi barada gürrüň gidip biler. Aýratyn halatlarda bu hereketleriň käbiri bilen bagly administratiw jogapkärçiligi-de döräp biler. TAK-yň 168-nji maddasyna laýyklykda, haçan-da jemgyýetçilik ýerlerinde paýyş sözler aýdylsa, raýatlara göwnedegijilikli azar berilse, şeýle hem jemgyýetçilik tertibini we raýatyň rahatlygyny bozýan şoňa meňzeş beýleki hereketlere ýol berilse, bu hereketler ownuk huligançylyk hasaplanylýar. Ownuk huligançylyk üçin raýatlara iň pes zähmet hakynyň 0,2 möçberinden bir möçberine çenli jerime salnyp ýa-da gazanjynyň ýigrimi göterimini tutup galyp, olar bir aýdan iki aýa çenli düzediş işlerinde işledilip bilner. Eger işiň ýagdaýlaryna görä, düzgüni bozujynyň şahsyýeti nazara alnanda bu çäreleriň ulanylmagy ýeterlik däl diýlip hasap edilen halatynda, günäkär on bäş gije-gündize çenli administratiw taýdan tussag edilip bilner.

## 1.2. Söýgi – paýhasyň miwesi

*Diňe bir ýaşlary däl, eýsem hemmäni gyzyklandyrýan sorag - söýgi näme? Söýmek-söýülmek üçin ýörite durmuş taýýarlygy gerekmi? Berk maşgala durmuşynyň syrlary we şertleri nämede?*

**Meselä ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Bu juda inçe mesele, onuň bilen bagly dürli garaýyşlar bar, ol boýunça ýene-de bir pikir artykmaçlyk etmese gerek. Söýgi ir-u-giç her bir ynsanyň öz başyndan geçirýän iň bir näzik duýgusydyr. Adamda ýaşlykdan söýgä bolan hyjuw has-da ýokary bolýar. Oglanam, gyzam ýaş döwründe, esasan, biri-biriniň keşbine aşyk bolýar. Her kim owadandan-owadanyny saýlamakçy. Şoňa görä-de, ýaşlykdaky söýgiň, köplenç halatda, älemgoşar deýin asmanda elýetmez bolup görünýän-de bolsa, onuň gözel reňkleri kimin tiz ýitip gidýär. Ýaşlyk söýgüsiniň paýhas diregi ýok diýen ýalydyr.

Ýaş adamyň paýhasynyň taplanmagy üçin wagt gerek. Durmuş tejribesi bolan adam her bir işi, şol sanda söýgi meselesini-de akylly-başly çözmäge çalyşýar. Paýhasly bolmak üçin dünýägoraýşyny giňeldýän kitaplary köp okamaly, ýaşulularyň pähim-parasatly gürrüňlerini yzygiderli diňlemeli, durmuşda bolup geçýän her bir ýagdaýlary özbaşdak seljerip, olara dogry baha bermegi öwrenmeli. Özüňde şu häsiýeti endige öwürmäge çynlakaý dalaş etmeli. Elbetde, orta ýa-da ýokary okuw mekdebinde bilim almak ýaşlaryň dünýägaraýyşlaryny we gözýetimlerini has-da giňeldýär.

Paýhasly oglan gyzlaryň içinden, gyz bolsa, tersine, oglanlaryň içinden özüne mynasybyny saýlamaga çalyşmaly. Elbetde, bu meselede ekabyrlyk oglana ýaraşar, ýöne gyzam haçan meni biri saýlarka diýip el gowşuryp oturmaly däl. Sebäbi söýgi iki deňhukukly we deňgüýçli duýgudan emele gelýän gudratdyr. Söýgi – bu ýigit bilen gyzyň bir-biriniň häsiýetlerini sulhlary almagydyr. Özüňe mynasyp häsiýeti başga birinde tapaýmak aňsat iş däl, şonuň üçin hem bu meselede gyssanmaçlyga ýol bermejek bolmaly. Söýgüsiz dörän we söýgä daýanmaýan nika uzak gitmeýär. Dogry, durmuşda söýgüsiz emele gelen nikanyň şowsuz maşgala öwrülip, bimany ömür sürýänine duş gelinýär.

Il içinde “deň etmän duş etmez” diýen pähim bar. Durmuşda elmydama beýle bolmaýar, ýöne her kim öz deňini tapmagyň aladasyny etmeli. Bu ýerde gürrüň seniň gulluk derejäň ýa-da maddy baýlygyň möçberi barada gidenok. Mesele öz pikirdeşiňi tapmakda, ýagny her bir durmuş meselesinde är-aýal bolup deň gopmakda. Dünýägaraýyşlary boýunça hersi Ýer togalagynyň bir polýusynda gezip ýören är-aýalyň bile içen çaýy-da şypa bermez.

Oglanam, gyzam abraýly maşgaladan, ýagny iýjegini-geýjegini arassa, halal gazanýan adamlardan bolmaly. Başgaça aýdylanda, iki tarapam tapanyna şükür eýläp, ýagşy zatlara sabyrly garaşýan adamlardan bolmaly. Ýaşlar nika baglaşmak meselesinde öz ata-enesiniň pikirine baý durmuş tejribesi bar adamlar hökmünde aýratyn hormat goýmalydyrlar.

Ýeri gelende aýtsak, berk maşgala gurmak isleýän erkek kişiler gyz-gelin meselesinde juda seresap bolmalydyrlar, ýagny jemgyýet tarapyndan oňlanylmaýan gatnaşyklara girmeli däldirler. Erkegiň gelin-gyza garaýşy onuň ahlak kämilliginiň aýnasydyr.

**Meselä tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Akyl-paýhasa esaslanyp gurlan maşgala berkligi we ömrüniň uzaklygy bilen tapawutlanýar. Logikanyň kadalaryna görä, şu ýagdaýda maşgala durmuşynda bozulýan nikalaryň sany-da azalaýmaly. Berk maşgalalarda çagalara talabalaýyk terbiýe berilýär we olar barada göwnejaý alada edilýär.

Berk maşgalalar durmuşda islendik meseläni hakykata, deňlige, adalata esaslanyp dogry çözýärler. Olar her halatda, ilkinji nobatda, çagalaryň we garrylaryň bähbitlerini göz öňünde tutrýarlar. Şeýle maşgalalar jemgyýetiň ösüşine oňyn täsir edýärler, ýaş nesiller üçin maşgala gurmagyň nusgasy bolup durýarlar.

**Meselä hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Diňe hakyky söýgi duýgusy nikanyň baglaşylmagyna getirýär. Nika baglaşmagyň şertleri we tertibi, onuň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 4-nji babynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Nika girmek üçin iki sany şert bar: nika girýänleriň kämillik ýaşyna ýetmegi (adatça, 18 ýaş) hem-de erkegiň we aýalyň nika girmäge özara razylygy. Dogry, ýokarda agzalan şertler bar halatynda hem şu aşakdaky ýagdaýlarda kanun nika girmäge rugsat bermeýär: eger nika girjekleriň biri öň başga nikada duran bolsa, kazyýet tarapyndan ruhy keselliligi ýa-da kemakyllygy sebäpli kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa, kanunda bellenilen ýakyn garyndaşlyk bar bolsa. Nika Raýat ýagdaýynyň nama ýazgylary (RÝNÝ) edaralarynda kanunda bellenen tertipde resmileşdirilýär.

## II BAP. MAŞGALA GATNAŞYKLARYNDA AHLAK GYMMATLYKLARY BARADA

Maşgala islendik jemgyýetiň iň wajyp düzüm birligidir. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen maşgalasyny ýagşy tarapdan häsiýetlendirip biljek esasy sypatlar şulardyr: maşgalada özara agzybir bolup ýaşamak, arassa-halal zähmetden eklenmek, çagalara talabalaýyk terbiýe bermek we maşgala bolup jemgyýete peýda getirmek, sagdyn durmuşyň talaplaryny ýerine ýetirmek, birek-birege goldaw bermek we geçirimli bolmak, her bir jedelli meselede ylalaşyga gelmäge çalyşmak, jemgyýetiň hukuk we ahlak kadalaryna hormat goýmak hem-de olary üýtgewsiz berjaý etmek, ahlaksyz we kanuna ters hereketleri ýazgarmak hem-de olaryň öňüni almaga jemgyýete ýardam bermek.

Durmuşda elmydama isledigiňçe ýaly bolmaýar. Her hili akyla gulluk edýän adamlar duşýar. Kähalatda maşgala durmuşynda ýakyn adamlar bir-birine şeýle daş durýarlar, ahlaksyz we bikanun hereketlere ýol berýärler, sebäbine düşünjek gümanyň ýok. Iň gyzykly ýeri-de, jedelli meselede her bir maşgala agzasynyň öz garaýşy dogry, hakykatam, adalatam diňe şonuň kelamynda jemlenen. Bu durmuşy ýagdaýlaryň käbir has wajyplarynyň üstünde durup geçeliň. Olara ahlak, tejribe we hukuk nukdaýnazaryndan baha bermäge synanyşalyň.

### 2.1. Maşgalabaşy

*Durmuşda iki, üç arka maşgalabaşy hökmünde abraýly ýolbaşçylyk edýän ýaşulularymyz bar. Käbir erkekler öz aýalyna we çagalaryna gepini düşündirip bilmeýärler. Elbetde, bu ýagdaý maşgalada agzalalygyň sebäbi bolup durýar. Şonuň üçin hem maşgalada onuň ýolbaşçysynyň täsiri onçakly duýulmaýar, çözgütleri doly we wagtynda ýerine ýetirilmeýär.*

### Getirilen mysala ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha

Elbetde, maşgalabaşy islendik ýagdaýda erkek adam bolmaly. Akylly aýal känbir başgalaryň gözüne ilmezden maşgalany agzybir saklamakda we adalatly dolandyrmakda adamsyna uly ýardam berip biler. Şeýle etmek bilen çagalaryň enesi atalarynyň at-abraýyna şek ýetirmezden, onuň mertebesini saklap, maşgalanyň jebisligini gazanyp biler.

Maşgala baş bolmak aslynda artykmaç hukuklary däl-de, uly jogapkärçiligi aňladýar. Özi-de maşgalabaşynyň şahsy wagtynyň we maddy mümkinçilikleriniň çäklendirilmegine getirýär. Maşgala agzalarynyň her biriniň aladasy onuň boýnuna düşýär. Maşgalabaşy ýol görkeziji, ugrukdyryjy, maslahatçy bolup durýar. Maşgala agzalarynyň her biriniň eden ýaramaz işi üçin-de, ilkinji nobatda, şondan hasap soralýar.

Görşümiz ýaly, maşgala ýolbaşçylyk etmek köpugurly dünýägaraýşyň, giň gözýetimiň, çuňňur akyl-paýhasyň, baý tejribäniň, egsilmez guramaçylyk ukybynyň bolmagyny talap edýär. Elbetde, maşgalabaşy arassa, halal, adalatly hem-de elmydama kanunyň çäginde hereket edýän adam bolmaly. Şonuň üçin hem türkmen maşgalasynda erkek oglanlar maşgalabaşynyň “wezipesine” ýaşlykdan taýýarlanylmaly we ýetginjeklik döwründen onuň jogapkärçiligini duýmaly.

Ýaş ýigit öýlenen pursatyndan “kiçi maşgalabaşy” hasaplanýar we bu ýagdaý atasy (uly maşgalabaşy) garrap, indi köşegine eýermeli boldy diýen döwrüne çenli dowam edýär. Elbetde, aksakgalyň sarpasy islendik ýagdaýda saklanyp galynmaly. Uly maşgalabaşynyň görkezmeleri kiçi maşgalabaşylar üçin hökmanydyr. Düýpli meselelerde kiçi maşgalabaşy öz hereketlerini uly maşgalabaşy bilen ylalaşyp, soňra durmuşa geçirmelidir. Maşgala agzybirliginiň inçe syrlary we mäkämligi şundadyr.

Ähli derejedäki maşgalabaşylar tarapyndan jedelsiz kabul edilmeli bir hakykat bar. Erkek kişi maşgala ýolbaşçylyk edýän adam hökmünde her bir meselede çagalarynyň, gelinleriniň, agtyklarynyň we maşgalanyň beýleki agzalarynyň hereketlerine dogry hem-de adalatly baha bermäni başarmaly. Şonda onuň “hökümleriniň” aglabasy jedelsiz we meýletin ýerine ýetiriler, maşgala agzybir hem jebis bolar.

Maşgalada aýala aýratyn orun berilýär. Aýal maşgalanyň gönezligidir. Maşgala Ýer şary bolsa, aýal onuň okudyr. Türkmen maşgala-

synyň jebisligi, agzybirligi, abraýy, edebi köp derejede şolara baglydyr. Erkek adamlar ýene-de bir hakykata uýsalar ýagşy, aýal maşgalada çagalaryň iň "ulusy" hasaplanylmalydyr. Şonuň üçin hem erkek kişiler gyz-gelinleriň ahlak terbiýesine durmuşda aýratyn üns bermeli, olar üçin ähli zerur maddy şertleri we mümkinçilikleri döretmegi, zenanlaryň at-abraýyny we mertebesini şir kimin goramagy başarmaly. Ene-atasynyň ojagynda talabalaýyk terbiýe almadyk gyzlar, soňra-da gelin bolup baran ýerinde dogry ýola salynmadyk aýallar maşgalany tükeniksiz betbagtçylyklara sezewar edýärler.

Türkmen maşgalasyna hiç bir babatda ýaraşmajak juda ýaramaz häsiýet, ol hem gyz-gelinleriň şahsy ahlaksyzlygydyr. Sebäbi ahlaksyz gyz-gelin maşgalany, ahlaksyz gyz-gelinli maşgalalar bolsa bütin jemgyýeti at-abraýdan düşürýär.

### Getirilen mysala tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha

Maşgalada ene-ata öz hakyky orunlarynda bolup, şahsy wezipe borçlaryny bolmalysy ýaly ýerine ýetiren halatlarynda, ol maşgala agzybir bolýar. Är-aýal maşgalada dogry "häkimlik-tabynlyk" gatnaşyklarynda bolanlarynda, olaryň çagalary hem talabalaýyk terbiýe alýarlar. Erkek adam maşgala otlusyna sözüň doly manysynda mynasyp "lokomatiw" bolanda, ol maşgala diýseň sazlaşykly ösýär, beýleki maşgalalara nusgalyk bolýar. Jemgyýet şu zeýilli maşgalalardan düzülende, ol hakyky sagdyn jemgyýeti emele getirýär we döwletiň ähli babatda gülläp özgermegine ýardam edýär. Awtoulagy iki bolup dolandyryp bolmaýşy ýaly, maşgalany hem iki bolup dolandyrmagyň özi agyr "durmuş hadysalaryna" getirjegi gümansyzdyr.

### Getirilen mysala hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha

Kim maşgalabaşy bolmaly diýen mesele hukuk nukdaýnazaryndan kanunda düzgünleşdirilmeýär. Şeýle-de bolsa kanunda duş gelýän bir aýratynlyga üns bermegi möhüm hasaplaýarys. Türkmenistanyň Maşgala kodeksinde ata-ene düşünjesi köp maddalarda ulanylýar, özi-de ata elmydama enäniň öňünde gelýär.

Maşgalabaşy ahlak düşünjesi bolup durýanlygy sebäpli, bu ýerde diňe ahlak borçlary hem-de jogapkärçiligi barada gürrüň gidip biler. Esasy ahlak gymmatlyklary-da at-abraý, mertebe, görelde bolup durýar.

## 2.2. Gaýynata, gaýnene we gelin

*Käbir gaýynata, gaýynene gelinleriniň hyzmatyndan elmydama nägile bolýarlar, onuň diňe pes taraplaryny görýärler, galyberse-de, bolgusyz bahanalar arap, ogullaryna gelniniň garşysyna meçew berýärler. Netijede, ýaşlaryň güni bir bolsa, uruşlary iki. Şu ýagdaýda gelin gaty sabyrly bolaýmasa, maşgala durmuşy uzaga gitmän dagaýar.*

### Getirilen mysala ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha

Durmuşda ýaş gelniň täze maşgalanyň tertip-düzgünine uýgunlaşmagy kähalatlarda kyn şertlerde geçýär. Munuň esasy sebäbi käbir gaýynatalaryň, gaýynenaleriň gelen gelni näme üçindir sözüň doly manysynda öz maşgala agzasy hökmünde kabul edip bilmeýändiklerinde. Hakykatda bolsa, maşgala täze goşulan gelin öz ene-atasy üçin indi kişi maşgalasy bolup durýar. Şeýlelikde, ýaş gelin öz maşgalasyndan aýrylandan soňra täze maşgalasyna goşulyşyp bilmän bialaç kösenýär.

Abraýly we synmaz maşgalany döretmek üçin gaýynata, gaýynene öýe gelen gelin bilen ilkinji gününden "dost" bolmaga çalyşmaly, ýagşy-ýamany bilelikde paýlaşyp, bitewi berk maşgala emele getirmeli. Şu ýerde köneden gelýän bir däp-dessuryň ösen jemgyýetde ýerliksizdigini, onuň mentalitetine ters gelýändigini aýratyn belläp geçmek gerek. Häzirki döwürde gelniň ýaşmak ýaşynmagy agzybir maşgalany döretmekde görnetin päsgelçilik berýär. Sebäbi diňe gürleşmek we düşünişmek ýoly bilen hakykaty anyklap, dogry we adalatly çözgüdi çykaryp ýa-da özara ylalaşyga gelip bolýar.

Öz gezeginde täze maşgala gelen gelinler mynasyp gaýynatany, gaýynenäni, ýagny ýokarda bellenip geçilişi ýaly, özlerine "dost" gözi bilen garaýan gaýynlaryny öz ata-enesinden aýry görmeli däldirler. Maşgalanyň ody bilen girip küli bilen bilen çykmalydyrlar, onuň abraýyna abraý goşmalydyrlar.

Ata-enä, şonuň ýaly-da ýaş çatynjalara umumy özara "geçirimlilik" häsiýetli bolmaly. Haçan-da beýik hytaý akyldary Konfusiden: "Ömrüň dowamynda asuda we abadan durmuşy üpjün edip biljek güýji bir sözde aňlat" diýenlerinde ol ýöne ýerden geçirimliligi görkezen däldir. Elbetde, düşünişmek, kyn gününde bir-biriňe ýardam bermek,

dogry ýola gönükdirmek, degerli maslahat bermek agzybir maşgala gurmagyň kepilleridir. Aýdylanlardan ugur alyp, gaýynata, gaýynene we gelin biri-biri bilen ýeňselerini däl-de, ýüzlerini görkezip gürleşenlerinde birnäçe meseleleriň öz-özünden çözülip gitjekdigi şübhesizdir.

### Getirilen mysala tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha

Gaýynata, gaýynene bilen gelniň ýa-da ýaş çatynjalaryň arasyndaky dawa ýaşlaryň nikalarynyň bozulmagyna we maşgalanyň dargamagyna getirýär. Bu nikadan doglan çagalar “ýarym ýetim” galýarlar, sebäbi atasynyň (seýrek ýagdaýda enesiniň) gündelik aladasyndan we mährinden mahrum bolýarlar. Ýaşlar täze maşgala guraýanlarynda-da, olaryň soňraky durmuşynyň we öňki nikadan galan çagalarynyň ykballarynyň nähili boljakdygy uly sorag bolup galýar. Maşgala oňşuksyz bolanda gelniň öz ene-atasy üçin hem gyzlarynyň durmuşa çykyp baran ýerindäki ykbaly gündelik ünji-alada öwrülýär.

Är-aýalyň arasynda söýgi duýgusy, hormat-sylag ikitaraplaýyn bolmasa, ol maşgalany saklajak bolmagyň özi känbir dogry däldir. Könelerimiz “aýbyny ýaşyran aýňalmaz” diýýär. “Dymanyň” bilen aýal maşgalanyň durmuş ýagdaýy agyrlaşmasa ýeňlemeýär, onuň üçin durmuş ýarasyny ötüşdirmegiň manysy ýok. Haçan-da gelniň ýanýoldaşy gowy bolup, agzalalyk ene-atadan gaýdýan bolsa, onda aýal maşgalanyň döwür üýtgeýänçä dişlerini gysbyrak gezeni ýagşy.

Her halatda aýal öz mertebesini goramagy başarmaly. Munuň üçin bolsa gyz maşgala entäk durmuşa çykmanka, onuň ene-atasy gyzlaryny maşgala durmuşyna taýýarlap başlamaly. Şu ýerde esasy mesele hem ata-enesiniň gyzlarynyň islendik ýagdaýda özbaşdak eklenç çeşmesiniň bolmagyny üpjün etmekleridir. Başgaça aýdylanda, ene-ata gyzlarynyň orta ýa ýokary hünär bilimini almagyna, biçimçi-tikimçi ýa-da başga bir zerur hünäre eýe bolmagyna ýardam bermelidirler. Hünärsiz aýal maşgala durmuşynda ejiz gelýär, öz hukuklaryny we bähbitlerini gorap bilmeýär.

Aýdylanlary jemlänimizde, aýal maşgalanyň her edip hesip edip zor aýakdan nikany saklajak bolmaly diýen pikire uýmagy häzirki döwürde ýalňyşdyr, ýöne munuň üçin ol özbaşdak maşgala durmuşyny alyp gitmäge hemmetaraplaýyn taýyn bolmalydyr.

**Getirilen mysala hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň (TMK) 16-njy maddasynyň 1-nji böleginde nika baglaşmagyň şertleri görkezilen. Kanun esasy şertleriň biri hökmünde nika girýänleriň erkin ýagdaýda nika girmeklerini we özara razylygynyň bolmagyny talap edýär. Elbetde, maşgala durmuşynda hem şu şertleriň dowamly berjaý edilmelidigi öz-özünden düşnükli hakykatdyr. Ýaşlaryň arasynda biri-birine bolan duýgularynyň, hormat-sylagynyň doly ýitendigine göz ýetirilende, nikanyň bozulmagy iki tarap üçin-de, ilkinji nobatda, aýal maşgala üçin ýeke-täk dogry çykalgadyr. TMK-nyň 25-26-njy maddalarynyň talaplaryna laýyklykda, nika RÝNÝ ýa-da kazyýet edaralarynda bozulyp bilner.

## 2.3. Ata-ene we çaga terbiýesi

*Käbir ata-ene durmuşda özlerini talabalaýyk alyp baryp bilmeýändikleri sebäpli (arassa-halal zähmet çekesleri gelmeýär, kynçylyklary ýeňip geçmegiň ýerine dürli bahanalary gözleýärler, spirtli içgileri içýärler we ş.m.), çagalaryna buýrup bilenoklar. Ahyrynda şu zeýilli çagalardan maşgalada, jemgyýetem kösenýär.*

**Getirilen mysala ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Ata-eneleriň we çagalaryň arasyndaky gatnaşyklar maşgala durmuşynda juda wajyp ähmiýete eýedir. Çaganyň edep-ekramly we ýokary ahlakly bolmagynda, dünýägaraýşynyň taplanmagynda, umuman, onuň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde, jemgyýete peýdaly adam bolup ýetişmeginde ata-enäniň orny aýratyndyr. Çaga ata-enäniň elinde plastelin kimin bir serişde, ondan islendik häsiýetli şahsyýetiňi, döwrüň dili bilen aýdanyňda mentalitetiňi ýasap bolýar. Adatça, çaga ata-enesiniň aýdanlaryny hakykatyň we adalatyň soňky derejesi diýip düşünýär we her halatda olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmäge elmydama taýýar bolup durýar. Çaga ata-enesiniň nädogry hereketlerini-de adaty bolmaly zat hökmünde kabul edýär we geljekki durmuş tejribesinde peýdalanmaga çalyşýar.

Ata-enelik borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmeýän ata-eneleriň näderejede pes ahlakly çagalary jemgyýet üçin terbiýeläp berjekdikleri hiç birimizde sorag döretmeýän bolsa gerek. Elbetde, şu zeýilli ata-eneleriň çagalaryna dilleri ötmeýär. Çagalary-da öz gezeginde olar babatda "ölşüňize görä gömşümiz bar" edýärler. Şoňa görä-de bu nalajedeýin ata-eneler jemgyýet tarapyndan ýazgarylmaga mynasyp. Olaryň hereketleri musulmançylykda hem oňlanylmaýar, sebäbi çagalaryňa edep-terbiýe bermek, olary hakyky dogry ýola salmak esasy parz işleriň biri hasaplanylýar.

**Getirilen mysala tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Talabalaýyk ahlak terbiýesini almadyk çagalar diňe bir öz ata-enesine däl, eýsem jemgyýete-de wepa berenoklar. Galyberse-de, jemgyýet şu zeýilli çagalardan "goranyp" gezmeli bolýar, sebäbi durmuşda kanun bozulmalaryň agramly bölegi şularyň paýyna düşýär. Terbiýesiz çagalary dogry ýola salmak üçin döwlet goşmaça işleri geçirmeli we çykdajylary çekmeli bolýar. Wagtynda edep-görelde görmedik ýaşlar soňra özleri maşgala guranlarynda hem uly şowsuzlyklara uçraýarlar.

Çaganyň terbiýesini güýç, zorluk bilen hem saklap bolar, ýöne haçan-da ol mynasyp göreldä we hakyky öwüt-ündewe daýananda kämil ahlak döreýär. Bu wezipe bolsa islendik jemgyýetde, ilkinji nobatda, ata-enäniň borjy bolup durýar.

**Getirilen mysala hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Çagalaryna döwrebap ahlak terbiýesini bermek ata-enäniň kanuny borjudyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji maddasyna laýyklykda ata-eneler çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlara, taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmak medeniýetini olaryň aňyna ormaşdyrmaga hukuklydyrlar we şol bir wagtda hem borçludyrlar. TMK-niň degişli maddalarynda şu talaplar has aýdyňlaşdyrylan görnüşde berkidilýär. Şu Kodeksiň 93-94-nji maddalaryna laýyklykda ata-enelik borçlaryny gödek ýagdaýlarda we görnüşlerde ýerine ýetirmedik ata-eneler ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip ýa-da çäklendirilip bilinýär.

## 2.4. Ata-enä ideg etmek perzendiň borjy

*Durmuşda ata-enesi barada ýeterlik derejede alada etmeýän ýaşlar bar. Dürli bahanalar-da tapylýar (beýleki doganlarym seretsin, meniň maddy ýagdaýym pes, wagtynda atam-enem meni durmuşa ugrukdyrmady we ş.m.). Ata-eneleri dünýäden ötenden soňra, olar barada alada etmedik ogul-gyz birden ata-enesiniň iň wepaly, mährem çagalaryna öwrülýärler. Ata-enesiniň belli günlerinde ýüzlerini sallaşyp dik durýarlar, aňrybaşy edip olaryň aş-suwuny berýärler.*

### Getirilen mysala ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha

Öz ata-eneleri barada gündelik alada etmek, ilkinji nobatda, olara maddy kömegini berip durmak kämillik ýaşyna ýeten her bir çaganyň mukaddes ahlak borjudyr. Köp çagaly maşgalalarda ata-enesine körpe ogullary seretmeli diýen köneden gelýän garaýyş bar. Şeýle-de bolsa durmuşda ata-ene öz iň rakyp oglunyň, has anygy iň rakyp gelniniň ýanynda bolanlaryny kem görenoklar. Şu ýagdaýda beýleki doganlary, esasan, ogullary ata-enesiniň hal-ýagdaýyndan habar alyp duranlarynda, onda bu ata-ene iň bagtly ata-enedir, agzybir, başgaça aýdylanda, ýüzüňe sylynmaly maşgaladyr.

Ataň-eneň barada alada etmezlik, olardan ýüzüňi öwürmek ynsapsyzlykdan nyşandyr. Elbetde, her hili ata-ene bolup bilýär, içinde çagalaryna ýeterlik derejede terbiýe bermedikleri-de, ideg etmedikleri-de tapylýar. Her halatda ýokary ahlakly ogul ýa gyz ata-enesiniň kyn gününde özlerini keseki ýaly alyp barmaly däldirler. Bilşimiz ýaly, her kim öz eden günäsi üçin diňe täk özi jogap berýändir, ýagny geçinem, goýnam diňe öz aýagyndan asýandyrlar.

Durmuşda ata-enesi dünýäden gaýdan halatynda olar barada gerek wagtynda alada etmedik ogul-gyzlary, şeýle hem beýleki käbir ýakyn garyndaşlary il ýüzüne özleri "ölene" dönýär. Ýeri bu adamlar iliň gözüne çöp atdylaram-da... Şu aýtjak hakykatymyza berk uýmagymyz öte wajyp, ata-enäniň belli günlerini bellemek, aşyny bermek sogapdyr, ýöne olara dirikä "aş" bermek has-da parzdyr. "Atam-enem yzyna dolanaýsa, menem olara täzeden yhlasly hyzmat edäýsem" diýip, öz ýanyndan ah çekýänler ilçilikde duş gelýär. Ýöne indi giç-dä...

**Getirilen mysala tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Özleri barada çagalary tarapyndan alada edilmeýän ata-eneler, adatça, durmuşda kösenip dünýeden ötüp gidýärler. Ata-enesine seretmeýän ogul-gyzlaryň jemgyýetde abraýy pes, dili gysga bolýar. Öz çagalaryna görkezýän ýaramaz göreldesi bilen soňlugynda bu adamlaryň özlerine-de şu ykbalyň miýesser bolmagy gaty ähtimaldyr. Atań-eneň barada edýän aladalaryň çyn ýürekdenmi ýa-da göz üçinmi, ony il-gün dessine kesgitleýär. Ýüzüňe hakykaty aýtjaklaram tapylýar. Bolmanda kesäňden-ä gybatyňy edýärler.

**Getirilen mysala hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji maddasynda “Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyr” diýlip kesgitlenen. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 152-153-nji maddalarynda hossar çykmaly çagalaryň bu konstitusion borjy has-da doly aýdyňlaşdyrylýar. Maşgala kodeksi şu borjuň, birinjiden, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalara degişlidigini, ikinjiden bolsa, ata-enäniň-de zähmete ukypsyz bolmalydygyny belläp geçýär. Özi-de bu borjy kanun ata-eneniň ähli çagalaryna deň derejede degişli edýär. Onsoňam çagalaryň öz ata-enäsi bilen bagly goşmaça çykdajylary-da (olar agyr kesellände, maýyp bolanda, keseki adamlar olara ideg edenlerinde) çekmäge borçludyklary kanunda aýratyn bellenilýär.

Maşgala kodeksi bu meselede çagalaryň hukuklaryny-da ünsden düşürmeýär. Eger-de ata-eneleriň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderendikleri kazyýet tarapyndan anyklanylsa, onda kazyýet çagalary ata-enesini ekläp-saklamak borjundan boşadyp bilýär. Agzalan kada kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň hukugydyr. Ondan peýdalanmak ýa-da peýdalanmazlyk bolsa, olaryň erk-islegine we ahlak kämilligine bagly bolup durýar.

## 2.5. Dogan dogana arkadag

*Bir ata-eneden bolan doganlar özara oňuşman, biri beýlekisinden ýüzüni öwrüp, durmuşda gatnaşmaýarlar. Şu ýagdaýda dogan dogana ýamanlyk etmekden-de gaýtmaýar, onuň abraýyna şyltak atýar, doganyna bahyllyk hem göriplik edýär.*

**Getirilen mysala ahlak nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän bir pähim bar: “Göçene oba ýok, dogana toba”. Ata-enesinden soň adamynyň iň ýakyn garyndaşy onuň dogany hasaplanýar. Durmuşda üstünlikleriňe begenip, gynanan ýeriňde seniň üçin nalyş çekjek doganyň bolýar. Ýöne ýerden “aglaşmaga dogan ýagşy” diýilmeýär. Aglaba maşgalalarda doganlar biri-birine söýget bolup, ähli kynçylyklarda biri beýlekisini goldap, özara düşünişip ýaşaýarlar. Şoňa görä-de, şu zeýilli doganlaryň işleri elmydama rowaç alýar, yrsgal-döwletleri-de kem bolmaýar. Doganlaryň arasyndaky öýke-kinede ýaz gününiň ýagşy ýaly tiz sowulýar. Agzybir maşgalada başgaça bolup hem bilmeýär.

Ýöne, gynansak-da, durmuşda doganlaryň agzalalygynyň gutulgysyz kesele ýazýan ýagdaýlary hem bolýar. Dogan dogan bilen düşünişjegem welin, arada olaryň aýallary käbir durmuş ýagdaýlarynda synmaz gala bolup döreýär. Aslynda doganlaryň agzalalygynyň başlangyjy hem, köplenç halatda, şolardan gaýdýar. Aýallaryň bar ýerinde bahana-da kän. Ownuk zatlary çişirmek asla olaryň häsiýetinde bar. Şu hakykata düşünen doganlaryňky oňuna, ýogsam bu ýalançyda olaryň agzalalygy ahyrky günlerine çenli dowam edýär.

Är-aýalyň arasynda hakyky bolmaly gatnaşyklar barada şu bapda getirilen mysallaryň birinde agzalyp geçilýär. Maşgalabaşynyň ornunyň durmuşda aýala geçmegi arabanyň atyň öňünde goýulmagyna meňzeýär. Elbetde, şu ýagdaýda ýol aşmak ata-da (maşgala-da) juda agyr düşýär.

**Getirilen mysala tejribe nukdaýnazaryndan berilýän baha**

Aýallar doganlaryň agzyny alardyp, agyr günä galýarlar. Olaryň içinde biri beýlekisiniň garşysyna ýazgarylýan hereketleri ulanýanlary-da tapylýar. Bu agzalalykdan aýallaryň özleriniň günlerini bulamakdan ötri görnetin utýan zatlary ýok. Şoňa görä-de, şu zeýilli aýallar we olaryň gepine gidýän ärleri halkyň ýigrenjine galýarlar.

Adatça, doganlaryň diňe bir özleriniň däl, eýsem olaryň çagalarynyň arasynda hem garyndaşlyk gatnaşyklary çylşyrymlaşýar. Üýşmeleňlerde, ýolda-yzda doganlaryň çagalary keseki adam ýaly biri-birine juda sowuk-sala garaýarlar.

Doganlaryň beýleki ýakyn garyndaşlary bilen hem gatnaşyklary bulaşýar. Ýakyn garyndaşlary doganlaryň biriniň märekesine barsa, beýleki dogany ol garyndaşyndan sowaşýar.

## Getirilen mysala hukuk nukdaýnazaryndan berilýän baha

Türkmenistanyň Maşgala kodeksinde doganlaryň arasynda, esasan, şu maddy gatnaşyk düzgünleşdirilýär. Ýeterlik serişdesi bolan doganlar, ata-enesi bolmadyk ýa-da olardan eklenç alyp bilmeýän kämillik ýaşyna ýetmedik kömege mätäç bolan öz doganlaryny ekläp-saklamaga borçludyrlar. Eger-de olaryň ata-enesi bolmasa ýa-da olar ata-enesinden, ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) ýa-da çagalaryndan eklenç (aliment) alyp bilmeýän bolsalar (155-nji madda), onda bu borç doganlaryň kämillik ýaşyna ýeten kömege mätäç doganlary babatda hem ýüze çykýar. Aliment tölemek borjy doganlaryň ählisine degişlidir. Onuň möçberi doganlaryň maddy we maşgala ýagdaýlaryna bagly bolup durýar (162-nji madda).

Mundan başga-da Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalaryna laýyklykda doganlaryň arasynda miras galan emläk bilen bagly gatnaşyklar hem döräp bilýär. Miras emlägiň mirasdarlara geçmegi kanun we wesýetnama esasynda bolup bilýär (1070-nji madda, 1-nji bölüm). Doganlar kanun boýunça dörän miras emlägine ikinji nobatda mirasdar hökmünde gatnaşyp bilýärler. Birinji nobata öleniň çagalary (şol sanda perzentlige alnanlar), äri-aýaly we onuň ene-atasy (perzentlige alanlar), şeýle hem ölenden soň ondan doglan çaga degişlidir (1096-njy madda, 1-nji bölüm).

## III BAP. ZÄHMET GATNAŞYKLARYNDA AHLAK GYMMATLYKLARY BARADA

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ýaş hünärmeniniň döwrebap ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy sypatlar şulardyr: wezipe-borçlaryňy arassa we halal ýerine ýetirmek, yzygiderli bilimleriňi artdyrmak we hünär derejäňi ýokarlandyrmak, işdeş ýoldaşlaryňy sylamak we halypalaryňa hormat goýmak, her bir işde jogapkärçilik duýmak, ygtyýarlygyňdaky meseleleri dogry we adalatly çözmek, öňdebaryjy tehnologiýalary we tejribäni öwrenmek hem-de önümçilige ornaşdyrmak, jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmak, kanuny ähli zatdan ýokarda goýmak we onuň talaplaryny üýtgewsiz berjaý etmek.

Ýaş hünärmeniň işe girişmegi dürli ýagdaýlarda bolup geçýär. Bir hünärmen bar başarnygyny we ukybyny orta goýup, işläp, abraý almaga çalyşýar, beýlekisi ýeňil ýol bilen özüni ykrar etdirjek bolýar, mynasyp bolmasa-da ýokary wezipelere dalaş edýär. Işe başlaýanlaryň içinde iş önümçiligini nädip dogry alyp barmalydygyny doly bilmeýänleri-de duş gelýär. Şoňa görä-de, işi talabalaýyk guramak hem-de hünäriniň hakyky ussady bolup ýetişmeklerini gazanmak maksady bilen, ýaş hünärmenlere käbir degerli amaly-durmuşy maslahatlary bermekçi bolýarys.

### 3.1. Işi dogry guramak we alyp barmak boýunça anyk maslahatlar

1. Ilkinji nobatda işine wagtynda gelip-gitmäni adaty endigiňe öwür, düýpli sebäbi bolmasa işiňden rugsat alyjy bolma.

2. Edýän işiňe elmydama ünsli bol, juda jogapkärçilikli çemeleş. Şu häsiýet seniň geljekgi üstünlikleriň kepilidir.

3. Gündeki durmuşyňda pikirlenmäni, ýagny belli bir ýagdaýlary seljermäni we netije çykarmany endik edin, şonda ol wagtyň geçmegi bilen seniň häsiýetiňe öwrüler.

4. Her bir düzülýän resminamanyň gurluşy kanunda görkezilýär. Olaryň jogaplaryny özbaşdak tapmany başar. Taýyn nusgalardan peýdalanylanda döredijilik ýitýär, esasan hem, kanunyň talaplarynyň ünsden düşüp galmagy mümkin.

5. Köpçülik makullaýar diýip düşünmeýän pikiriňi goldama, ýöne tapýançaň onuň çözgüdiniň gözleginde bol.

6. Bilesigeliji bol. Öňdebaryjy tejribäni yzygiderli öwren we iş tejribäňe ornaşdyr.

7. Işiňde we durmuşyňda göwnüçökgünlige ýol berme, gerek ýerinde ýoldaşlaryňa kömege bar.

8. Hiç bir ýagdaýda ýalan sözleýji bolma. Ýalan "söz" soňy bilen ýalan "sözleme" geçýär, ýalan "sözlemler" wagtyň geçmegi bilen ynsanyň aýrylmaz häsiýetine öwrülýär.

9. Her bir ýagdaýda öz mertebäňi goramaňy başar, ýogsam il-ä däl, sen öz-özüňi ýigrenersiň. Ejizlik häsiýetiňe geçäýse, omda durmuşyň dowzaha öwrüler.

10. Ýerliksiz toparlara goşulma, başarsaň gybata ýol berme, özüň ondan elmydama daşda dur.

11. Kämil hünärmen çykjak bolsaň, elmydama diňe özüňden rüstemlere öýkünip gez.

12. Hiç kimiň, şol sanda ýakynlaryň hem seniň işiňe goşulyşmagyna ýol berme.

13. Her halatda "bikanun" tabşyrygy ýerine ýetirmezlige çalyş. Ol babatda degişli wezipeli adamlary wagtynda habarly et.

14. Öz şahsy hereketleriň we çözgütleriň elmydama ýokary ahlakly, kanunyň çäginde hem-de adalatly bolsun.

15. Hiç haçan wezipä ymtylma, mynasyp bolsaň wezipäň özi seni tapar.

## 3.2. Halypa-şägirt gatnaşyklary

Ýaňy işe başlan ýaş hünärmen tejribeli işgäriň göz astynda bolmaly. Ol ondan işiň inçe syrlaryny öwrenýär we ýuwaşlyk bilen zähmet durmuşyna uýgunlaşýar. Önümçilikde bu "gözegçä" halypa diýilýär.

Seniň soňraky durmuşyňda halypanyň ýagşy-ýaman täsirleri hökman duýulýar. Halypaň ýokary ahlakly we hünäriniň hakyky ussady bolanda, seniň zähmet ýoluň şowly başlanýar hem-de geljekde seniň arzuwly üstünliklere ýetmegiňe ýagty ýol açylýar. Elbetde, halypa seniň göwün islän adamyň bolmaly, ýagny ol özara ylalaşyk esasynda bellenilmeli. Diňe şu ýagdaýda bilelikdäki işiň netijeliligi aýdyň görünýär.

Tejribede ýaş hünärmen halypasynyň göreldesine eýerip işleýär. Adatça, wagtyň çäkliligi sebäpli hukuk goraýjy edaralaryň ýaş hünärmenlerine iş ýörediş hereketleriniň hukuk esaslary doly düşündirilmeýär. Şeýlelikde, halypanyň tejribesiniň hukuk kadalarynyň öňüne düşýän halatlary bolýar. Ýaş hünärmenler şu agzalan nädogry tejribä ýol bermejek bolmaly, edýän hereketleriniň kanunylygyna özbaşdak göz ýetirmäni we säwliklerden özüňi goramany başarmaly.

Kim halypa bolup biler? Her kes şägirt bolup biler, ýöne her kes halypa bolup bilmez. Halypa ýaş ölçegi ýa-da biriniň islegi boýunça kesgitlenilmeýär. Halypa bolmak üçin ýokary hünär derejäň we ahlagyň bolmaly.

Häzirki döwürde halypa-şägirt gatnaşyklarynyň hukuk binýady doly işlenip düzülmedik. Bu gatnaşyklaryň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň derejesinde düzgünleşdirilmegi zerur. Halypanyň zähmetini maddy taýdan höweslendirmek meselesi hökman çözülmäge degişli. Ýöne islendik ýagdaýda hem halypa-şägirt gatnaşyklarynyň ahlak tarapy elmydama terezide agramly geler, sebäbi bu gatnaşyklar “begenmek”, “guwanmak”, “buýsanmak”, ”hormatlamak” ýaly çuň manyly duýgulara esaslanýar.

## 3.3. Käbir durmuş sapaklary

### 3.3.1. Aňsat iş ýok

Ýaş döwrümizde mugallymçylyk işiniň daşyndan ykdysady (täjirçilik) işleri boýunça kazyýetlerde wekilçilik edilýärdi. Bir iş boýunça talapçynyň wekili hökmünde kazyýet seljerişine gatnaşmaly boldum. Özi-de işi utjagyma hiç hili şübhäm ýokdy, sebäbi kanun meniň tarapymdady. Netijede bolsa, şol iş boýunça barlyşyk ylalaşygy-

ny (ýaraşyk) baglaşmaly bolduk, sebäbi jogapçynyň wekili işiň ýagdaýlaryny şeýle bir bulaşdyrdy welin diňe men däl, eýsem kazy hem kelep ujuny ýitirenini duýman galdy. Kazyýet seljerişine jedelleşýän taraplaryň özleri hem gatnaşýardylar. Olar meseläniň çözgüdiniň gutarnyksyz hukuk jedeline ýazanyny synlap duran ýerlerinden özara ylalaşmaklygy bähbitli gördüler.

Bu iş meni çynlakaý oýlanmaga mejbur etdi. Gynandyrýan ýeri hem meni utan ýaşuly hukukçy däldi, ýöne bir köne hojalyk işgäridi. "Öl ölýän bolsaň" diýenleri boldy. Şol işden soň hiç bir işe onuň ähli inçe taraplaryny bilýän diýip ýapyşmaly däl diýen netijä geldim. Başgaça aýdylanda özüňdäki "jenap meni" öldürmelidi. Birnäçe gezek elekden geçirip, şu paýhasly pikirleri öz iş ýörelgelerime öwürdim:

1. Ýönekeý iş ýok. Her bir işiň özüne ýetik syrly taraplary bar, ýöne olary "äýnekli" görüp bolýar.

2. Hiç bir adam ýüzüňden seniň içki pikirleriňi (utjagyňy ýa-da utuljagyňy, begenýändigiňi ýa-da gynanýandygyňy) okap bilmeli däl.

3. Sowukganly bolmak. Tötänden dörän başagaýlyga ýa-da garşydaşyň ýörite guraýan pirimlerine gahar etmeli däl. Gahar seniň ünsüňi sowýar, pikirlenmäge päsgel berýär.

4. Wagty gelýänçä "dymmany" başarmak. Eger-de sen jogapkäriň wekili bolsaň, onda ähli işde bähbidi bar taraplaryň "içlerini boşadarlaryna" garaş. Talapçynyň wekili hökmünde başda esasy subutnamalaryňy, özüňe juda ynamly bolaýmasaň, soňuna çenli orta çykarma. Şu ýagdaýda sende kazyýetde ähli getirilen delilleri doly we hemmetaraplaýyn seljerip, netije çykarmaklyga mümkinçilik döreýär.

5. Garşydaşyň "derisine" girip, işiň ýagdaýlary bilen bagly özüňe berläýjek soraglary öňünden aňlap, olaryň köpugurly esaslandyrylan jogaplaryny taýýarlap goýmak. Öz soraglaryňa berläýjek jogaplaryda deslapdan seljerip, soňraky etmeli hereketleriňi kesgitlemek. Iki ýagdaýda hem işiň gidişini sen bolmanda üç göçüm öňünden görjek bolmaly.

6. Kazyýet tejribesini işleriň aýratyn ugurlary boýunça yzygiderli özbaşdak umumylaşdyryp durmak. Munuň üçin her bir işiň özboluşly aýratynlyklaryny ýüze çykaryp, ýörite kitapça ýöretmek.

7. Iş boýunça garaýyşlaryň döwletiň kanunlaryna we jemgyýetiň ahlak kadalaryna ters gelmeýän bolsa, onda zerurlygyna görä "spektakllary" guramany başarmak.

Elbetde, agzalyp geçilen iş ýörelgeleri diňe bir adwokatlara degişli däl, olar islendik hukuk goraýjy edaralarynyň işgäleri üçin hem peýdaly bolup biler.

Hemmä düşnükli bolar ýaly, "spektakllary" guramany gatnaşan käbir anyk işlerimiň mysalynda aýdyňlaşdyrmaga synanyşaýyň.

### 3.3.2. Islendik jogap seniň peýdaňa

Jenaýat işlerine seýrek-de bolsa aklawçy hökmünde gatnaşylýardy. Bir jenaýat işi boýunça daşary ýurtly adam öldürilipdi. Öldürenler ikidi, hiç biri-de günälerini boýun almaýardylar. Has anygy öldürilen bendäni hiç wagt görmedik diýip aýak depip durdylar. Deslapky derňewde zorluk bilen etmedik işimizi boýnumyza atdylar diýip, olaryň ikisi-de jenaýat jogapkärçiliginden gaçjak bolýardylar. Şu ýagdaýda men olara dogry ýa-da ýalan jogap berenlerinde hem özümi kanagatlandyrjak soragy oýlap tapyp bermelidim.

Togsanynjy ýyllaryň başlarydy, ABŞ-nyň dollary ýurtda ýaňy ýaýrap başlapdy. Entäk bu puly görmedikler kändi. Şu iş boýunça meniň wezipäm garaşylmadyk ýerden adamynyň psihiki ýagdaýyna täsir edip, ony bulaşdyrmak we hakykaty ýüze çykarmak bolup durýardy. Sorag: "Öleniň ýanynda dollar bardymy ýa-da manat?" Tapawudy ýok, iki jogap-da olaryň öldürilen daşary ýurtly bilen gatnaşykda bolandyklaryny subut edýär. Elbetde, soragy dile geçirmek, gerek ýerinde dyngy berip gürlemek, duýgularyňy syr bermezden özüňde saklap bilmek özboluşly ussatlygy talap edýär.

### 3.3.3. Ynama girmek

Kazyýetde täjirçilik işine jogapçy hökmünde cykyş edýän daşary ýurtly kompaniýasynyň wekili bolup gatnaşýardym. Bu işde "ynama girmek" psihologiýa usuly ulanyldy. Talapçynyň wekili çykyş edip bolandan soň maňa gezek berildi. Men talabyň doly kanunalaýykdygyny we esaslandyrylandygyny boýun aldym. Has beteri-de şu adalatly talabyň kazyýete çenli meýletin çözülmänligine gynanýandygy-

my, aslynda, şu işe wekil bolup gatnaşýandygyma utanýandygymy mälim etdim. Elbetde, talapçynyň geçisi ýaýrady, doly arkaýynlaşdy, maňa-da minnetdar gözleri bilen ýylgyryp seredýärdi. Düşnükli zat, eger-de men jogapçyny öňünden taýýarlamadyk bolsam, ol kazyýet mejlisi otagyndan çykyp giderdi.

Mejlisiň şu bölegine ýetilende men jogapçynyň şu iş bilen bagly garşylyklaýyn talabynyň bardygyny aýdyp, ony arassa hukuk dilinde, has anygy talapça düşnüksiz dilde esaslandyrmaga başladym, soňunda hem iki talaby-da kanagatlandyryp, bize düşýän aratapawudyň berilmegini kazyýetden soradym. Talapçynyň sabyr käsesi dolupdy, ol öz wekiliniň aýdýanlaryna hem üns bermeýärdi. Men gysgajyk arakesmäniň yglan edilmegini kazydan haýyş etdim. Talapçy menden täze tapynan "hossary" hökmünde bu hukuk piriminiň nämedigini düşündirmegimi hem-de jedeliň onuň peýdasyna gutarylmagyny haýyş edýärdi. Men oňa ýeke-täk çykalganyň barlyşyk ylalaşygynyň baglaşylmagydygyny düşündirdim. Jedel şeýle hem çözüldi, ýagny taraplar ikitaraplaýyn eglişige gitdiler. Barlyşyk ylalaşygy esasynda iş boýunça önümçilik ýatyrylanda, kazyýete şol iş boýunça gaýtadan ýüz tutup bolmaýar.

Bu oýnuň guralmagynyň düýp manysy bir tarapyň kezzapçylykly hereketleri netijesinde gazanylan artykmaçlygy puja çykarmakdy. Şertnama baglaşylanda jogapçy resminamanyň diline düşünmänligi sebäpli birnäçe säwlikleri goýberip, öz bähbitlerine ters gelýän şertnamany baglaşýar. Tejribede muňa bir tarapyň bähbidi aralyp kezzaplyk ýoly bilen gol çekdirilen şertnama diýilýär. Bolsa-da bu jedel öz adalatly çözgüdini tapdy. Hemme zatdan özi üçin puly, baýlygy ýokarda goýýan telekeçi hilegärligiň soňunyň gowulyga eltmeýändigine düşünerçe boldy.

### 3.3.4. Adalat duzagy

Durmuşda, gynansak-da, ýaramaz adamlar duşýar-da. Bir nätanyş adam öz ýakyn dostuna 500 amerikan dollaryny karz berýär. Ylalaşylan möhletinde karz alnan pul yzyna gaýtarylyp berilýär. Soň anyklanyp oturylsa gaýtarylan puluň içinde 200 dollary ýasama, ýagny hakyky däl bolup çykýar.

Näme etmeli diýip maňa maslahata geldiler. Bu işi eden ynsapsyz adam bolmaly, ondan puly gönüläp sorasaň, ol etmişini boýun almaz, şonuň üçin hem şeýle mekirlige ýüz urmaklyk maslahat berildi. Onuň bilen duşuşyp sesini ýazga geçirmeli, gürrüňdeşligiň dowamynda onuň ýasama puly berendigini, ol hem öz gezeginde bu pullary şeýle ýol bilen başga birine geçirendigini oňa habar bermeli edildi. Dosty duşuşykda onuň aýdanlaryna hezil edip gülüpdir: "Senem mençeräk bar ekeniň" diýipdir.

Elbetde, jenaýat jogapkärçiliginden gorkan "dostumyz" puly eglemän yzyna gaýtaryp beripdir. Iş ýörediş hereketleriniň kadalaýyk alnyp barylmagyna hemme adamlar doly düşünip duranok, ýogsam şahsy ýol bilen alnan ses ýazgysy kazyýetde subutnama hökmünde diňe taraplaryň razylygy esasynda ulanylyp bilinýär.

Nätanyş adam bu waka barada degişli döwlet edaralaryna dostunyň kezzaplygy barada habar beren bolsa ne ýagşy, ýogsam bu ýagdaýyň indi başga bir bendeleriň üstünden inmegi gaty ähtimaldyr.

# IV BAP. BILIM-YLYM IŞINIŇ NETIJELILIGI ÝOKARY AHLAKLY BOLMAGY TALAP EDÝÄR

Islendik jemgyýetiň öňdebaryjy gatlagyny bilimli-ylymly, ýagny ýokary kämil ahlakly adamlar düzýär. Şoňa görä-de, ýurdumyzda ýaşlaryň talabalaýyk bilim almaklaryna, ylmyň jemgyýeti özgerdiji güýç hökmünde ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bilim-ylym ulgamynda ýaşlaryň döwrebap ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy sypatlar şulardyr: intellektual derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen irginsiz okamak we zähmet çekmek, bilim-ylym görkezijilerini dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek üçin yzygiderli alada etmek, öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary we tejribäni öwrenmek hem-de önümçilige ornaşdyrmak, bilesigeliji, ugurtapyjy, ruhubelent we adalatly bolmak, ahlak we hukuk kadalaryna hormat goýmak hem-de olary üýtgewsiz ýerine ýetirmek.

Bilim-ylym her bir şahsyýetiň diňe öz güýjüne, ukybyna, başarnygyna daýanyp geçmeli ýoludyr. Mugallym (halypa) bu meselede diňe ýol görkeziji, ýagny ugrukdyryjy bolup biler. Bilim-ylym sözleriniň “sinonimi” zähmetdir.

Bilim, esasan-da, ylym şahsyýetde güýçli derňew ukybynyň bolmagyny talap edýär. Adamda derňew geçirmek häsiýetini terbiýeläp we kämilleşdirip bolar, ýöne tebigatyň bu ukyby hemmä deň derejede paýlamaýandygyny welin unutmaly däl.

Bilime, ylma, aslynda her bir işe “bilýän” hökmünde girişmek gödek ýalňyşlykdyr. Bu şahsyýetiň ösmeginiň we kämilleşmeginiň garşysyna işleýän alamatdyr.

## 4.1. Hukuk derslerini okatmagyň esasy aýratynlyklary

Hukuk derslerini okatmagyň birnäçe öňdebaryjy usullary bar. Döwrüň talaplaryna görä olar kämilleşdirilýär. Netijeliligi boýunça olaryň içinde has tapawutlanýanlary bolýar. Şu döwürde hukuk dersleri boýunça sapaklary özleşdirmekde, olary talyplaryň aňyna çuňňur ornaşdyrmakda onlarça ýyllaryň dowamynda awtor tarapyndan sünnälenip gelnen aýratyn täsirli usullaryň toplumyny ulanmak bilen bagly ýaş mugallymlara şulary ündemek isleýäris.

### 4.1.1. Okuw kitaby

Okuw kitaby diňe bir maglumat çeşmesi bolman, eýsem ol kitapda berilýän maglumatlary talyplar tarapyndan özbaşdak özleşdirmegi üpjün edýän usuly serişdeleri hem özünde jemlemelidir. Başgaça aýdylanda, okuw kitaby şol bir wagtda “öwretmeklige” hem-de “öwrenmeklige” niýetlenen bolmaly. Olaryň içinde has netijelileri hökmünde çyzgylary, testleri we meseleleri görkezmek bolar. Özi-de agzalýan usuly serişdeleriň okuw kitabynda görkezilen yzygiderlilikde ýerleşdirilmegi maksadalaýykdyr.

**Çyzgy.** Mugallym çyzgylarda okuw kitabynda berlen maglumatlaryň düýp mazmunyny, ýagny olaryň özenini anyk we gysga görnüşde ýerleşdirmäni başarmaly. Görüş ýatkeşliginiň kömegi bilen, talyplar kitapdan okan maglumatlaryny hyýaly göz öňüne getirip, çyzgylary gepletmäni oňarmaly. Özi-de talyplar logika esaslanyp, özleşdirýän maglumatlaryny bir bitewi zynjyra düzmäniň hötdesinden gelmeli.

**Test.** Okuw kitabyndaky testleriň jogaplary dörtden az bolmaly däl. Olaryň her biri özüne çekiji, ynandyryjy, many-mazmun taýdan bir-birine golaý bolmaly. Şeýlelikde, testleriň jogaplary talyplardan çynlakaý pikirlenmegi talap edýän “akyl duzaklaryna” meňzemeli. Testlerde dogry, nädogry ýa-da kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapmak tabşyrylýar. Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapmak diýmek testiň beýleki jogaplarynyň hem belli bir derejede dogrulygyny aňladýar. Şoňa görä-de, talyplaryň öňünde deňeşdirme ýoly bilen has dogry kanuny jogaby tapmak wezipesi durýar. Munuň özi talypla-

ryň pikirlenişine we aň ýetiriş ukybynyň ösmegine diýseň oňyn täsir edýär. Testleriň jogaplarynyň kitapda berilmegi, talyplara okuw maglumatlaryny özbaşdak özleşdirişlerini barlamaga, zerur ýagdaýynda goşmaça taýýarlyk işleriniň kömegi bilen dogry netijelere gelmäge mümkinçilik berýär. Talyplar her bir testiň jogaby bilen diňe öz jogabyny saýlanyndan soňra tanyşmaly.

**Mesele.** Okuw kitabynda berilýän meseleler talyplaryň logiki pikirlenişini has-da düýpli kämilleşdirýär, bilim bilen tejribäniň simbiozyna düşünmäge ýardam edýär. Meseleleriň üsti bilen talyplar özleşdiren maglumatlaryny iş ýüzünde hyýaly durmuşa geçirmäge synanyşýarlar. Eger-de bu iş zerur resminamalary düzmek bilen utgaşdyrylylanda, onuň netijeliligi görnetin artýar. Meseläniň çözgüdiniň jogaplary kitapdaky maglumatlaryň näderejede özleşdirilendiginiň görkezijisi bolup durýar. Okuw kitabynda berilýän käbir meseleleriň doly, giňişleýin we kanunalaýyk jogaplary bolmaly. Talyplara aýry-aýry durmuş ýagdaýlarynyň üsti bilen mesele çözmäge girişmegiň, tejribede kanuny dogry ulanmagyň, iş ýörediş resminamalaryny talabalaýyk düzmegiň inçe ýollary öwredilýär. Bu endikler talyplara okuw kitabynda we gollanmalarynda berilýän jogapsyz meseleleri özbaşdak çözmekde oňyn täsir edýär.

Elbetde, okuw dersiniň aýratynlyklaryny nazara alyp, okuw kitabynda bilim bermegiň dürli usuly serişdelerini ulanyp bolar.

### 4.1.2. Umumy sapak

Umumy sapak monolog (bir adamynyň çykyşy), ýagny bilýäniň (mugallymyň) bilmeýänlere (talyplara) bilýän zadyny (temany) öwretmegi görnüşinde däl-de, dialog (özara söhbetdeşlik) tertibinde guralmaly. Bu wezipäni amala aşyrmak üçin talyplar başardyklaryndan geçiljek temanyň materiallary bilen deslapdan tanyş bolmalydyrlar. Şu çemeleşme köpçülikleýin häsiýete eýe bolanda, ol mugallymyň-da jogapkärçiligini artdyrýar.

Şeýlelikde, mugallymyň umumy sapakda esasy wezipesi talyplar tarapyndan belli bir derejede özbaşdak özleşdirilen temany doly we hemmetaraplaýyn berkitmek bolup durýar. Mugallym zerurlygyna görä okuw kitabynyň çygryndan çykyp, sapagy nazary we tejri-

be nukdaýnazaryndan çuňlaşdyrmaly. Ol sapakda şol tema boýunça ylmy edebiýatlarda bar bolan garaýyşlary umumylaşdyrmaly, ony tejribe bilen baglanyşdyrmaly, öz garaýyşlaryny hem anyk mysallaryň üsti bilen esaslandyrmaly.

Umumy sapak zerurlygyna görä çyzgylaryň üsti bilen düşündirilende onuň netijeliligi has-da artýar. Okuw kitabynda berlen çyzgylar döredijilikli aýdyňlaşdyrylanda, giňeldilende, geçilen temalar bilen baglanyşdyrylanda örän ýerlikli bolýar. Çyzgy çyzylanda mugallym talyplara öz logikasyny yzarlamaga mümkinçilik bermeli. Talyplar mugallymyň çyzgylaryna ünsli seredip, onuň indiki çyzgy hereketlerini aňlajak bolmaly. Talyplar umumy sapagyň mazmunyny elden ýazga geçirmeli. Özi-de talyplar üçin mugallymyň aýdan sözlerini ýatda saklamak wajyp däl-de, esasy zat şolara dogry düşünip, pikiriňi özünçe ýazmaça berkitmegi we soňra dilden beýan etmegi başarmakdyr.

Şeýle tertipde geçirilen umumy sapak talyplaryň döredijilik ylhamlarynyň oýanmagyna getirýär, olarda özbaşdak pikir ýöretmek, giňişleýin seljerme geçirmek, dogry netijelere çykmak ukyplaryny artdyrýar.

### 4.1.3. Söhbet sapagy

Söhbet sapagynda mugallym özleşdirilmeli temanyň her bir soragyny birnäçe kiçi soraglara bölmeli. Soňra olaryň her haýsyny öz başlangyjy bilen aýry-aýry talyplara bermeli. Mugallymyň goşmaça anyklaýjy soraglary hem bolup biler. Mugallym sapagyň dowamynda her bir talyby birnäçe gezek gürrüňdeşlige çekjek bolmaly. Talyp mugallymyň soraglaryna jogap berende ýazgylaryndan azda-kände peýdalanyp biler, ýöne olary tutuşlygyna okap jogap bermegiň özi ony körzehin edýär. Talyp mugallymyň öňünde ýalňyşmakdan gorkman ynamly çykyş etmeli, şeýdip, geljekki hünärmen taplanýar, ýöne bu usuly soň tejribede ulanmak welin gadagandyr. Talyp ýene-de bir meselä aýratyn üns bermeli, sapakda pikirleriňi gysga, düşnükli we sada dilde beýan etmäge çalyşmaly hem-de bu ugurda öz başarnyklaryňy yzygiderli kämilleşdirjek bolmaly.

Sapak dialog görnüşinde geçirilmeli. Mugallym talybyň ýalňyş jogaplaryny hem diňlemäni başarmaly. Özi-de mugallym öz pikirini her halatda talyplardan soň aýtmaga çalyşmaly. Temanyň her bir soragy aýratynlykda, sapagyň ahyrynda bolsa hemme soraglar bilelikde jemlenilmäge degişli.

Söhbet sapagynda dürli usuly serişdeler ulanylyp bilner. Olardan iň netijelisi testdir. Okuw kitabynda berlen testleriň ähli jogaplary sapakda hemmetaraplaýyn we doly seljerilmeli. Kitapda berlen testleri talyplar deslapdan özbaşdak işleýärler. Talyplaryň testler bilen bagly esaslandyrmalarynyň ýalňyş bolmagy mümkin ýa-da olar doly bolman biler. Şonuň üçin hem mugallymyň öňünde test işlemek boýunça iki wezipe durýar. Birinjiden, ol talyplar bilen bilelikde soraglaryň nazary hem tejribe nukdaýnazaryndan jogaplaryny dogry esaslandyrmany, ikinjiden, galan üç jogabyň ýalnyşdygyny ýa-da gutarnykly dogry däldigini ähli babatda subut etmäni başarmaly. Mugallym öň geçilen temalar bilen baglanyşdyryp talyplara goşmaça testleri-de teklip edip biler.

### 4.1.4. Amaly sapak

Amaly sapagyň nazary bölegi söhbet sapagyndaky ýaly geçirilýär, ýöne özleşdirilýän soraglar meseleleleri çözmek bilen utgaşdyrylmaga degişli. Temanyň her soragy boýunça bir ýa-da birnäçe mesele düzülip bilner. Her ders boýunça mesele çözmegiň aýratyn öz usuly gollanmasy taýýarlanylsa maksadalaýyk bolýar.

Meseleler boýunça amaly sapakda okuw-tejribe oýunlary guralyp bilner. Aýratyn-da ol kazyýetde iş ýörediş hereketlerini düzgünleşdirýän hukugyň pudaklary bilen bagly geçirilende has-da netijeli bolýar. Okuw-tejribe oýny – munuň özi amaly we tejribe taýýarlygynyň utgaşdyryp öwredilmegini göz öňünde tutýan bilim bermegiň usuly görnüşleriniň biridir. Onuň esasy maksady hem okuw önümçiligini tejribä ýakynlaşdyrmakdan ybaratdyr. Okuw-tejribe oýunlary talyplara dürli durmuşy meselelerden özbaşdak baş alyp çykmaklaryna oňaýly täsir edýär, şeýle hem olaryň iş ýüzünde zerur resminamalary taýýarlamak boýunça tejribe toplamaklaryna ýardam berýär.

Okuw-tejribe oýunlary talyplara diňe bir köpugurly tejribe endiklerini bermän, eýsem olara geljekde hünäri boýunça işlejek ugruny kesgitlemäge hem kömek berýär. Bu oýunlarda talyplar özlerini birnäçe wezipelerde synap görýärler. Şeýlelikde, olar soňra işlejek kärleriniň edep kadalary we hukuk mentaliteti bilen içgin tanyşýarlar.

Okuw-tejribe oýunlaryny has-da tejribä ýakynlaşdyrmak maksady bilen, ýokary okuw mekdeplerinde ýörite otaglar enjamlaşdyrylanda sapaklar diýseň netijeli geçýär. Okuw-tejribe oýunlarynyň kazyýet mejlisleri otagynda geçirilmegi talyplaryň höwesini we jogapkärçiligini artdyrýar. Munuň özi sapagyň doly we hemmetaraplaýyn özleşdirilmegine ýardam edýär. Okuw-tejribe oýny öňde goýlan maksatlara laýyklykda birnäçe görnüşlere bölünip bilner[1].

## 4.1.5. Bäsleşik sapagy

Söhbet we amaly sapaklar okuw toparlarynda bäsleşik görnüşinde guralmaly. Onuň üçin okuw ýylynyň başynda toparyň talyplary olaryň intellektual mümkinçiliklerini hem-de ukyplaryny nazara alyp, iki deň kiçi topara bölünmeli we iki bölek edip oturdylmaly. Bäsleşik sapaklaryny guramaçylykly alyp barar ýaly, her kiçi topara talyplardan jogapkär bellenilmeli. Mugallym sapagyň bäsleşik görnüşinde geçmegini üpjün etmek maksady bilen, iki topar üçin hem deslapdan deňeçer soraglary, testleri, meseleleri, okuw-tejribe oýunlaryny we usuly serişdeleriň beýleki görnüşlerini taýýarlamaly. Bäsleşik sapagynyň maksady geçilýän temany doly we hemmetaraplaýyn özleşdirmek, nazary bilimleri göwnejaý berkitmek hem-de zerur tejribe endiklerini edinmek bolup durýar. Bäsleşik sapagy talyplaryň döredijilik işjeňligini artdyrýar we her bir talybyň şahsy mümkinçilikleriniň açylmagyna ýardam edýär.

Bäsleşik sapagyny guramaçylykly geçirmek üçin şu şertleri berjaý etmek zerur bolup durýar:

[1] Çiňişleýin seret: Goçyýew T.D. Aýry-aýry nika-maşgala işleri boýunça okuw oýunlaryny guramagyň we geçirmegiň usuly gollanmalary (rus dilinde). Aşgabat, 1988.

1. Mugallym çözülmeli meseleleri deslapdan kesgitlemeli we toparlara bölüp bermeli.

2. Kiçi toparlaryň jogapkärleri mugallym bilen ylalaşyp, talyplaryň arasynda rollary paýlamaly. Şunda çylşyrymly rollar has taýynlykly talyplara tabşyrylmaly. Munuň özi oýunlaryň mugallymyň bellän wagtynyň çäginde ýokary hilli geçirilmegini üpjün edýär.

3. Okuw-tejribe oýunlarynyň has-da netijeli bolmagyny gazanmak üçin, okuwdan daşary taýýarlyk işleri geçirilmeli. Talyplar kiçi topar bolup nazary soraglary özleşdirýärlär, rollara bellenenleriň taýýarlygyny barlaýarlar.

4. Her bir oýunda ikiden köp bolmadyk ýalnyşlar göz öňünde tutulmaly we olar barada mugallym deslapdan habarly edilmeli we garşydaş tarapa olaryň sany mälim edilmeli. Bu ýagdaý oýnuň bütin dowamynda talyplaryň ünsli bolmagyny talap edýär, netijede bolsa, tema ähli talyplar tarapyndan göwnejaý özleşdirilýär.

5. Her bir oýnuň ahyrynda oňa degişli nazary soraglar meseleler bilen baglanyşdyrylyp seljerilmeli.

Sapagyň ahyrynda mugallym kiçi toparlaryň bäsleşigini jemlemeli, utan tarapy yglan etmeli hem-de talyplaryň bahalaryny kesgitlemeli.

Mugallym ýokarda beýan edilen usuly serişdeleriň kömegi bilen talyplaryň özbaşdak döredijilikli pikirlenmäge, dürli durmuşy ýagdaýlary doly we hemmetaraplaýyn seljerip, olardan dogry netije çykarmaga bolan ukyplaryny yzygiderli ösdürmäge we kämilleşdirmäge çalyşmaly. Pikirlenme talyplaryň gündelik endigine öwrülmeli, ahyrky netijede bolsa olaryň häsiýetine geçmeli.

## 4.2. Hukuk ugrundan ylmy iş ýazmagyň esasy aýratynlyklary

Ylmy işe girişmezden öňinçä her birimiziň dogry düşünip, aňlybaşly kabul etmeli bir hakykatymyz bar. Ylym – bu bilimiň iň ýokary kämil derejesidir we ol her kesiň başarjak işi däldir. Ylmy iş (dissertasiýa, monografiýa, makala we beýleki işler) ýazylanda birnäçe ylmy usullar ulanylýar. Ýaş alymlara hukuk meseleleri bilen bagly ylmy iş

ýazylanda şu aşakdaky has wajyp ündemelerden ugur almaklaryny maslahat berýäris:

1. Islendik ylmy işde bir ýa-da birnäçe añlatmalar (adalgalar, düşünjeler, institutlar) derñelýän temanyň özenini düzýär. Ilkiniji nobatda, şolaryň manysyna doly we dogry düşünmek ylmy iş ýazmak üçin möhümdir. Sebäbi siziň ylmy iş yazmak bilen bagly ähli pikirleriňiz şol añlatmalaryň töwereginde jemlenýär. Bu wezipäni zerur ylmy çeşmeleri, şol sanda köpugurly sözlükleri (hukuk, ykdysadyýet, lingwistik we ş.m.) düýpli seljerip, amala aşyryp bolar.

2. Awtor derňelýän ylmy işiň temasy bilen bagly edebiýatlary, şol sanda daşary ýurtlarda çap edilen çeşmeleri anyklamaly we olary hemmetaraplaýyn seljermeli hem-de umumylaşdyrmaly. Aýratynda GDA giňişligindäki döwletleriň edebiýatlary çuňňur öwrenilmeli, çünki olaryň ählisiniň hukuk binýady sowet hukuk mentalitetine esaslanýar. Şonuň üçin hem ýüze çykýan meseleler köp derejede meňzeş ýa-da many-mazmun taýdan golaý bolýar. Su ýerde juda bir uly üns berilmeli mesele we ýerine ýetirilmeli wezipe, ol hem sowet hukuk ylmy mekdebiniň oňyn tejribesini saklap galyp, onuň täze milli hukuk meýdançasynda döwrebap özgerdilmegini başarmakdyr. Awtor beýleki alymlaryň haýsy pikirlerini we garaýyşlaryny goldaýandygyny ýa-da tersine olara garşy çykýandygyny anyk kesgitlemelidir. Özide ol öz garaýyşlaryny hökman ylmy nukdaýnazaryndan esaslandyrmalydyr. Ylmy çeşmeleri seljermek bilen awtor edebiýatlarda haýsy meseleleriň häzirki güne çenli ýüze çykarylmandygyna, çözülmändigine göz ýetirip biler. Olaryň ylymda we tejribede getirip biljek oňyn netijeleriniň esaslandyrylmagynyň özi, awtoryň şol tema boýunça öz öňünde goýan ylmy maksatlaryny we ondan gelip çykýan wezipelerini täzeçil çözmäge goşan uly goşandy bolar. Ýaş alymlar tarapyndan ylmy işlerinde ulanan ylmy çeşmelerine, esasan hem, soňky döwürde çykan edebiýatlara salgylanmaklary ylmy iş ýazmagyň we ony resmileşdirmegiň möhüm talaplaryňyň biridir.

3. Her bir ýazylýan ylmy iş jemgyýetiň, esasan hem, ykdysadyýetiň ösüşine oňyn täsir etmelidir. Şonuň üçin hem ylmy iş tejribe bilen içgin tanyşman, onda öz çözgüdini talap edýän meseleleri doly öwrenmän ýazylmaýar. Ylmyň hem-de tejribäniň simbiozy, ýagny olaryň utgaşdyrylyp seljerilmegi bilen netijelere çykylmagy ylmy iş

ýazmagyň hökmany talabydyr. Ylym tejribäni özgerdýär, tejribe bolsa öz gezeginde ylmyň ösmegi üçin zerur synag meýdançasy bolup durýar. Diňe şu usul bilen kanunçylygy hem-de hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirip, durmuşyň ösýän we üznüksiz özgerýän talaplaryny kanagatlandyryp bolar.

4. Ylmy iş ýazylanda ösen jemgyýetleriň kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesiniň seljerilmegi zerur. Ylymda muňa "deňeşdirme seljermesi" diýilýär we hukuk ylmy äleminde iň netijeli ylmy usullaryň biri hasaplanýar. Bu usulyň kömegi bilen Türkmenistanyň kanunçylygynyň halkara ölçegleriniň talaplaryna laýyk getirilmegini hem-de halkara hukuk kadalarynyň döwletimiziň kanunçylygyna ornaşdyrylmagyny üpjün edip bolar. Netijede, milli hukuk ulgamynyň döwrebap özgerdilmegini gazanyp bolar.

5. Hukuk boýunça ylmy işlerde ylmy usullaryň başga-da giň toplumy (sosiologik derňew, analiz, sintez we beýlekiler) ulanylýar. Şulardan hukuk ylmynda has netijeli usul hökmünde ulanylýany sosiologik derňewdir. Aýratyn hem göwnejaý düzülen anketalaryň üsti bilen dogry guralyp geçirilen sosiologik derňewiň netijesinde hereket edýän kanunçylygy hem-de hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirmek boýunça doly we hemmetaraplaýyn esaslandyrylan pikirleri we teklipleri öňe sürüp bolýar. Ylmy işde ulanylan usullar bir-biriniň üstüni dolduryp, baýlaşdyryp, aýdylýan pikirleriň has hem ygtybarly bolmagyny üpjýn edýär.

6. Ylmy işiň mazmuny logiki yzygiderlilige eýermelidir. Logikanyň kadalaryna laýyklykda sözlem sözlem bilen, bent bent bilen sepleşmeli, biri beýlekisiniň üstüni doldurmaly, pikiri dowam etdirmeli, hemmesi bilelikde bolsa akyl ýöredişiň mizemez zynjyrjygyna düzülmeli. Pikirler hususydan umuma ýa-da tersine umumydan hususa tarap hereketde bolmaly. Awtoryň gelen netijeleri, tekstiň mazmunyna doly gabat gelmeli. Ylmy işiň mazmuny sada we düşnükli dilde ýazylmaly, ýagny ol şol ugurdan hünärmen bolmadyk okyjylarada düşnükli bolmaly. Munuň özi awtordan irginsiz we erjel zähmeti talap edýär.

7. Her bir jemgyýet özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Dürli jemgyýetlere şol bir ölçegler bilen çemeleşip bolmaýar. Bir

jemgyýetdäki oňyn tejribe beýlekisinde garaşylmadyk kynçylyklary döredip biler. Şonuň üçin hem türkmen jemgyýetini hukuk nukdaýnazaryndan özgerdilmäge bagyşlanan ylmy işlerde awtor tarapyndan kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirmek boýunça teklipler taýýarlanylanda hökmany göz öňünde tutulmaly şertler bar: halkyň mentaliteti, milli demokratiýanyň aýratynlyklary, ýurdumyzyň ösüşiniň ewolýusion ýoly, jemgyýetçilik aňyýetiniň derejesi, döwletimiziň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy, dünýä tejribesiniň gazananlarynyň ulanylmagy, milli bähbitleriň ileri tutulmagy, özgertmeleriň durmuş häsiýetli bolmagy, realizm we sagdyn pragmatizm syýasaty.

Teklip edilýän ylmy usullaryň toplumy gumanitar, jemgyýeti öwreniş, tebigy ylymlarda hem netijeli peýdalanylyp bilner. Elbetde, öňe sürlen ündemeler çuňlaşdyrylmaga hem-de aýdyňlaşdyrylmaga degişli. Bu usullary geljekde has-da kämilleşdirmek we ýaş alymlaryň bu ugurda amala aşyrjak işlerini dogry ýola gönükdirmek bilen bagly halypa alymlaryň öňünde ýokary jogapkärli wezipeler durýar.

## Jemleme

Türkmen jemgyýetiniň geljegi ösüp gelýän ýaş nesillere bagly. Şu okuw-usuly gollanmada talyplara okuwlaryny we ýaş hünärmenlere öz işlerini talabalaýyk guramaklary bilen bagly öwüt-ündewler berildi. Şonuň ýaly-da maşgala gatnaşyklarynda we ýetginjekleriň arasynda käbir oňlanylmaýan hereketler ahlak, tejribe, hukuk nukdaýnazaryndan seljerildi hem-de olaryň öňüni almak, ýeňip geçmek, gaýtalanmagyna ýol bermezlik üçin ýaşlara degerli maslahatlar berildi. Maksat hem türkmen ýaşlarynyň ösen jemgyýetiň şahsyýetleri hökmünde durmuşda kämil ahlak derejesine ýetmekleri bolup durýar.

XXI asyr täze innowasion tehnologiýalaryň hasabyna çalt depginlerde ösýän ykdysadyýet bilen häsiýetlendirilýär. Türkmenistan bazar ykdysadyýeti ýoly bilen günsaýyn täze belentliklere çykýar hem-de dünýä ykdysadyýetine üstünlikli goşulyşýar. Geljekki ösüşler ýokary intellektual derejeli hünärmenleriň we hakyky watançy şahsy-

ýetleriň has-da köp bolmagyny talap edýär. Mynasyp gullukçy, işçi, daýhan kämil ahlaksyz bolup bolmaýar. Ahlaksyz hereketler we bidüzgünçilikler köpugurly özgertmeleri belli bir derejede bökdeýär hem-de raýat jemgyýetiniň ýurtda dabaralanmagyna we onuň institusional düzümleriniň kadaly işlemegine päsgel berýär. Jemgyýetdäki kanun bozulmalar hem ahlaksyz hereketleriň netijesinde ýüze çykýar. Şoňa görä-de, jemgyýetde kämil ahlak mentalitetini kemala getirmek üçin maksatnamalaýyn işler dowamly alnyp barylmaly. Esasy mesele hem türkmen jemgyýetiniň Ahlak kodeksini işläp taýýarlamak şu döwürde möhüm wezipe bolup durýar. Ýemgyýetde maddy gymmatlyklaryň ahlak kadalarynyň öňüne düşmegine ýol berilmeli däl.

Mähriban Watanymyzyň guwanjy hem daýanjy bolan türkmen ýaşlary! Göwnejaý bilim almak, sagdyn ösmek, hünäriniň ussady bolmak, yrsgally topragymyzyň wepaly ogul-gyzlary bolup ýetişmek üçin, geliň, arassa-halal okalyň we zähmet çekeliň!

Geljekde gollanmada seljerilen we beýleki wajyp durmuşy meselelri has-da çuňňur hem-de giňişleýin beýan etmek göz öňünde tutulýar. Gollanmada öňe sürlen pikirleri häzirki ýagdaýyndan ösdürmek okyja bagly.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: “Ylym”. 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi. – Aşgabat, 1984.
11. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. – Aşgabat, 1998.
12. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. – Aşgabat, 2009.
13. Türkmenistanyň Maşgala kodeksi. – Aşgabat, 2012.
14. *Goçyýew T.D*. Nika-maşgala gatnaşyklaryndan gelip çykýan hukuklary we bähbitleri kazyýetde goramak (rus dilinde). Aşgabat, 1988.
15. *Goçyýew T.D*. Aýry-aýry nika-maşgala işleri boýunça okuw oýunlaryny guramagyň we geçirmegiň usuly gollanmalary (rus dilinde). Aşgabat, 1988.
16. *Goçyýew T.D*. Nika, maşgala we kanun. – Aşgabat, 1996.
17. *Goçyýew T.D*., Ataýew S.K., Çaryýew A.A. Nika, maşgala we kanun (hekaýalar, seljermeler, hukuk maglumatlary, çyzgylar, sowalnamalar, meseleler, talap arzanyň gurluşy we görnüşleri). – Aşgabat: Ylym, 2010.

18. *Goçyýew T.D.* Hukuk bilimlerini özleşdirmekde okatmagyň progressiw usullaryny we serişdelerini ulanmak. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009, №7.

19. *Goçyýew T.D., Ataýew S.K.* Beýik Galkynyş zamanasynyň hukuk ideologiýasy we medeniýeti. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №5.

20. *Goçyýew T.D.* Hukuk ugrundan ylmy iş ýazmagyň usullary. Beýik galkynyşlar zamanasynda ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar. Halkara ylmy maslahaty. – Aşgabat, Ylym. 2011.

21. *Goçyýew T.D.* Hukuk derslerini okatmagyň netijeli usullary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim reformasyny durmuşa geçirmekde täze tehnologiýalaryň orny we okatmagyň häzirki zaman usullary. Halkara ylmy-usuly maslahat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. – Aşgabat, 2011.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I BAP. Ýaşlaryň arasynda ahlak gymmatlyklary barada**

1.1. Gylyksyz häsiýetler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
1.2. Söýgi – paýhasyň miwesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12

**II BAP. Maşgala gatnaşyklarynda ahlak gymmatlyklary barada**

2.1. Maşgalabaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
2.2. Gaýynata, gaýynene we gelin . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
2.3. Ata-ene we çaga terbiýesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 20
2.4. Ata-enä ideg etmek perzendiň borjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22
2.5. Dogan dogana arkadag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23

**III BAP. Zähmet gatnaşyklarynda ahlak gymmatlyklary barada**

3.1. Işi dogry guramak we alyp barmak boýunça anyk maslahatlar . . . . 26
3.2. Halypa-şägirt gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
3.3. Käbir durmuş sapaklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28
3.3.1. Aňsat iş ýok . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28
3.3.2. Islendik jogap seniň peýdaňa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
3.3.3. Ynama girmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
3.3.4. Adalat duzagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31

**IV BAP. Bilim-ylym işiniň netijeliligi ýokary ahlakly bolmagy talap edýär**

4.1. Hukuk derslerini okatmagyň esasy aýratynlyklary. . . . . . . . . . . . 34
4.1.1. Okuw kitaby. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34
4.1.2. Umumy sapak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
4.1.3. Söhbet sapagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36
4.1.4. Amaly sapak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
4.1.5. Bäsleşik sapagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
4.2. Hukuk ugrundan ylmy iş ýazmagyň esasy aýratynlyklary . . . . . . . 39
Jemleme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42
Edebiýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44

*Taganmyrat Dallaýewiç Goçyýew*

# ÝAŞ NESIL – KÄMIL AHLAK

Orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Kakalyýewa* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *Ý. Peskowa* |

Ýygnamaga berildi 23.03.2013. Çap etmäge rugsat edildi 19.04.2013.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 3,0. Çap listi 3,0.
Hasap-neşir listi 1,87. Neşir № 38. Sargyt №00. Sany 4000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.